Turkmenistan Railways

# TÜRKMENISTANYŇ SENAGAT WE KOMMUNIKASIÝA MINISTRLIGI

«Türkmendemirýollary» agentligi

# Ýolagçy demir ýol biletlerini Internet arkaly (onlaýn usulda) satyn almak boýunça gollanma



# Gadyrly Ýolagçylar!

---

“Türkmendemirýollary” agentligi ýolagçylar üçin demir ýol biletlerini internet arkaly (onlaýn usulda) bronlamak we töleg geçirmek boýunça ulanmagyň tertibini we käbir maslahatlary hödürleýär. Bu hyzmatdan peýdalanmak üçin HÖKMAN internet ulgamyna birikdirilen “Android”, “iOs” ýa-da “Windows” operasion ulgamynda işleýän elektron enjamynyň - smartfon, planşet, netbuk, noutbuk, şahsy kompýuter we “Altyn Asyr” bank kartynda ýeterlik pul serişdesiniň bolmagy zerurdyr.




**“Android”** smartfonlarynda **“Play Market”**-den ýa-da **“iPhone”** smartfonlarynda **“AppStore”**-den ýüklenip alnan “Turkmenistan Railways” programma üpjünçiliginiň kömegi bilen ýurdumyzyň ähli künjegine özüňize amatly senede we wagtda ýolagçy demir ýol biletini satyn alyp bilersiňiz.




**«Nirden»** öýjügine otlynyň ugraýan menzilini saýlamaly

**«Nirä»** öýjügine otlynyň barmaly menzilini saýlamaly

**«Haçan»** öýjügine ugraýan senäni saýlamaly

**«Görnüş»** öýjügine gidiş ýa-da gaýdyş ugry saýlamaly

Ýolagçylaryň sanyny we ýaşyny saýlamaly

Bellikler edilenden soň **«Gözle»** düwmesine basmaly

---




Otlynyň menzilden ugraýan senesi

Otlynyň gidiş ýa-da gaýdyş ugry

Otlynyň ugramaly we barmaly wagtlary

Otlynyň geçýän ýolunyň uzaklygy we dowamlylygy

Wagonyň «Plaskart» görnüşiniň bahasy

Wagonyň «Spalny wagon» görnüşiniň bahasy




Ýolagçynyň familiýasyny ýazmaly

Ýolagçynyň adyny ýazmaly

Ýolagçynyň doglan senesini ýazmaly

Ýolagçynyň jynsyny saýlamaly

Ýolagçynyň Resminamasynyň görnüşini saýlamaly

Saýlanan Resminamanyň belgisini ýazmaly




Ýolagçynyň telefon belgisini ýazmaly

Ýolagçynyň elektron poçtasyny ýazmaly

Bile ugraýan 1- nji ýolagçy barada maglumat

Bile ugraýan 2 - nji ýolagçy barada maglumat

Bile ugraýan 3 - nji ýolagçy barada maglumat

Bile ugraýan 4 - nji ýolagçy barada maglumat




Otlynyň wagon belgisi

Wagondaky boş we eýelenen orunlaryň shemasy

Wagondaky eýelenen orunlar

Wagondaky siziň eýelän orunlaryňyz

Wagondaky boş orunlar

Orunlar bellik edilensoň «Saýla» düwmesine basmaly




Saýlanan ugur we ýolagçylaryň sany boýunça «Ýol nyrhy»

Saýlanan ugur we ýolagçylaryň sany boýunça «Hyzmatlaryň» tölegi

«Ätiýaçlandyryş» tölegi

Saýlanan ugur we ýolagçylaryň sany boýunça «Ýapynja» tölegi

Saýlanan ugur we ýolagçylaryň sany boýunça tölegleriniň jemi

Maglumatlar bilen tanşyp, «Tölegi geçin» düwmä basmaly




Elektron biletiniň (sargydyň) belgisi

«Altyn Asyn» bank kartynyň 16 belgili sanyny ýazmaly

Bank kartynyň gutardyş möhletini ýazmaly

Bank kartynyň 3 belgili «CVC» howpsuzlyk koduny ýazmaly

Bank kartynyň eýesiniň familiýasyny we adyny ýazmaly

Maglumatlar girizilenden soň «Tölemeli» düwmä basmaly




Ähli bellikler we amallar edilenden soňra ýolagçynyň «e-mail» elektron poçtasyna ýa-da smartfonuna «Elektron biletiň» nusgasy gelip gowuşýar. Bu «Elektron biledi» otla münmezden öň çap edilen görnüşinde ýa-da smartfonuň ekranynda ýolbeletlere görkezmek hökmandyr.

---

Ýolagçy tarapyndan sargytnama düzülen wagtynda berilýän maglumatlaryň takyklygyna we dogrulygyna “Türkmendemirýollary” agentligi jogapkärçilik çekmeýär.

---

Şahsy maglumatlar girizilende ýalňyşlaryň, takyksyz - lyklaryň goýberilmegi bilen baglanyşykly mümkin bolan ähli töwekgelçilikleri ýolagçy öz üstüne alýar.

---

Müşderi tarapyndan gatnaw senesi saýlanylyp alnanda ýalňyşlyk goýberen ýagdaýynda, biletiň yzyna gaýtarylmagy we gaýtadan resmileşdirilmegi, «Türkmendemirýollary» agentliginiň düzgünlerine laýyklykda, kesgitlenen ähli jerimeleriň tutulmagy bilen amala aşyrylýar.

# Goşmaça Maglumatlar:

Ýolagçy öz bank kartynyň maglumatlaryny (PIN-kod, bank kartynyň belgisi, "CVC" howpsuzlyk kody, kod sözüni we beýlekileri), şahsy maglumatlary, pasport maglumatlary keseki adamlara aýtmaly däldir. Bu maglumatlar müşderiniň bank karty boýunça düzgün bozma amallarynyň amala aşyrylmagy üçin ulanylyp bilner. Şeýle-de, öz şahsy maglumatlaryny, kimiň talap edýändigine garamazdan, SMS ýa-da elektron poçta arkaly bermeli däldir. Ýolagçy öz bank amallarynyň hemişe gözegçiligini amala aşyrmaly.




Teklibiňiz, arzaňyz we soraglaryňyz boýunça şu telefon belgilere: +993 (12) 38-32-73/74/75/76 jaň edip ýa-da şu elektron poçta: tde@online.tm hat üsti bilen ýüzlenip bilersiňiz !!!

Giňişleýin maglumat almak üçin "Türkmendemirýollary" agentliginiň www.railway.gov.tm Internet sahypasyna salgylanyň !!!

# Köp soralýan soraglar:

**1. Altyn asyr töleg kartymyň CVC kodyny nireden alyp bilerin?**

Hormatly ýolagçylar siziň «Altyn asyr» töleg kartyňyzyň CVC kody kartyň arka ýüzünde görkezilen. Eger-de, siziň kartyňyzyň arka ýüzünde CVC kody ýok bolsa, +993 12 383273; +99312 383274; +993 383275 belgilere ýüz tutup, kömek alyp bilersiňiz. Şeýle-de, häzirki ýagdaýda «Türkmenbaşy» DTB degişli bankomatlardan hem kartyňyzyň CVC koduny almak mümkin.

**2. Haýsy banklaryň kartlary boýunça tölegler kabul edilýär?**

Siz biletleriňizi «Altyn Asyr» töleg kartlary arkaly satyn alyp bilersiňiz. Häzirki ýagdaýda Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş banky we Senagat Bank tarapyndan berilen kartlar arkaly onlaýn bilet almak mümkinçiligi ýokdyr.

**3. Biletleri online yzyna gaýtaryp bolýarmy?**

Satyn alan biletleriňizi onlaýn yzyna gaýtarmak mümkinçiligi häzirki ýagdaýda ýok. Onlaýn alan biletleriňizi islendik kassadan yzyna gaýtaryp bilersiňiz.

**4. Ýolagçy maglumatlaryny ýalňyş girizilse düzetmek mümkinmi?**

Ýolagçy maglumatlary ýalňyş girizilse düzetmek mümkin däl. Emma, soralýan maglumatlarda 3-4 harp ýalňyşy bolan ýagdaýynda ýolbeletlere dil arkaly düşündirmek kabul edilýär. Eger-de bilediň bahasyna täsir ýetirýän ýalňyşlyklar( mysal üçin: uly adam ýerine çaga bilet) goýberilen ýagdaýynda siz bilediňizi kassada yzyna tabşyryp täze bilet almaly bolýarsyňyz.

**5. Biledi başga bir ýolagçynyň adyna çalyşmak mümkinmi?**

Hiç bir biledi başga ýolagçynyň adyna çalyşmaga ýa-da başga ýolagçynyň ýol resminamalary bilen syýahat etmäge rugsat berilmeýär. Eger siz syýahatdan galyp, ýeriňize ýakynyňyz syýahat etmeli bolan ýagdaýynda kassalara ýüz tutup biledi yzyna tabşyrmaly we täze bilet ýazdyrmaly.

**6. Öz kartym bilen başga ýolagçylara bilet satyn alyp bilerinmi?**

Hawa. Islendik adam başga adamlaryň biletleri üçin onlaýn töleg amala aşyryp biler.

**7. Gözleg netijesinde, bu ugurda gatnaw ýok diýýär.**

Online biletler 10 gün öňünden satlyga çykarylýar. Siz 11-nji gün üçin gatnaw gözlän ýagdaýyňyz bu ýazgy görkezilýär. Ýa-da ugran otlylar gözleg netijesinde görkezilmeýär. Mysal üçin otly 12:00-da ugraýan bolsa, siz hem şol gün üçin 12:30-da gatnawy gözlän ýagdaýyňyzda, onda bu ugurda gatnaw ýok ýazgysy görkezilýär.

**8. Töleg geçirmek düwmesine basanymda, töleg sahypasy açylmaýar.**

Töleg sahypasynyň açylmazlygynyň iň esasy sebäbi internet proksyňyzda näsazlyk bardygynyň alamaty. Şeýle hem ähli tölegleri diňe Türkmenistanyň çäginden amala aşyrmaga rugsat berilýändigi sebäpli töleg sahypasy açylman biler.

**9. Satyn alynan bilediň senesini çalyşmak üçin näme etmeli?**

Häzirki ýagdaýda onlaýn satyn alynan bilediň senesini çalyşmaga rugsat berilmeýär. Ýeke-täk çözgüt alynan biledi kassalarda yzyna gaýtarmak we meýilleşdirilýän sene üçin täzeden bilet satyn almak bolup durýar.

**10. Bilediň tölegini telefondan TMCELL (Öýjükli aragatnaşyk) arkaly töläp bilýärinmi?**

Bilediň tölegini Öýjükli aragatnaşyk belgileri arkaly töläp bolmaýar. Onlaýn bilet üçin häzirki wagtda diňe Altyn Asyr Kartlary arkaly tölegler kabul edilýär.

**11. Men pasport belgimi nädogry ýazypdyryn, düzediş girizmek mümkinmi?**

Pasport belgiňiz nädogry ýazylan ýagdaýynda düzetmek mümkin däl. Emma at-familýaňyz, doglan senäňiz resminamaňyz bilen doly gabat gelen ýagdaýynda ýolbeletlere ýagdaýyňyzy düşündirmegi ýatlaýarys.

**12. Biletler näçe gün öňünden satlyga çykýar?**

Biletler internet arkaly 10 gün öňünden, kassalarda bolsa 5 gün öňünden satlyga çykýar.

**13. Kart maglumatlaryny girizenimden soňra, "Call to bank" ýazgysy çykýar.**

"Call to bank" ýazgysy çykmagynyň sebäbi siziň kartyňyza SMS habarnama hyzmaty birikdirilmänligi sebäplidir. Siz SMS habarnama hyzmatyny "Türkmenbaşy" täjirçilik bankyna degişli bankomatlardan birikdirip bilersiňiz.

**14. Online töleg geçirmek üçin, SMS habarnama hyzmaty birikdirilmelimi?**

Online töleg geçirmek üçin SMS habarnama hyzmaty hökman birikdirilen bolmaly. SMS habarnama hyzmatyny "Türkmenbaşy" DTB degişli bankomatlardan birikdirip bilersiňiz.

**15. CVC kodyny telefon arkaly bilmek üçin haýsy maglumatlar gerekli?**

CVC koduny telefon arkaly bilmek üçin kartyňyzyň 16 belgili nomeri, kartyň eýesiniň at-familýasy we pasport belgisi gerekli. CVC koduny almazdan ozal, kartyňyza SMS habarnama hyzmatyny birikdirmegi hem ýatdan çykarmaň.